# Pygamberimiziň doglan gününi bellemek (Möwlit) etmek bolýarmy?

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sahypamyza Möwlit bellemek bolýarmy, Kuran we Sünnetde barmy, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyna möwlit etmegi buýurdymy diýen ýaly soraglar köp gelip gowuşýar.

Biz hem möwlit barada 21-nji asyryň uly alymlarynda hadysçy Şeýh Nasruddin Albani, Şeýh Muhammed bin Salih el Useýmin we Şeýh Bin Bäz (Allah olara rahmet etsin) ýaly alymlara we başgada Ählu-Sünnet alymlaryna salgylanyp makala taýynlamagy makul bildik. InşAllah sünnedi ýaýradyp we bidgatlardan seresap bolmakda, bu makalany musulmanlara peýdaly etmegini Allah Tagaladan dileýäris.

Asyl mowzuga geçmezden öň bidgatyň nämädigini düşündirip geçsek peýdaly bolar.

Yslam adalgasynda: **Bidgat diýip, Yslamda asly bolmaýan we soňradan tapylan we ynsanlaryň şol bidgatlaryň üsti bilen Allahyň razylygyny gazanjak bolýan zatlaryna aýdylýar. Dine soňradan goşulan ýa-da üýtgedilen zatlar hem bidgatdyr.**

Mysal üçin: Gurbanlyk hököminde towuk ýa-da towşan kesmek bidgatdyr. Bu haýwanlary gurban etjek kişi Allah Tagalaň razylgy üçin gurban etsede, onuň eden amaly bidgat bolanlygy üçin kabul bolmaýar.

Başga bir mysal: Biz her parz namazyndan soňra tesbih sanamyzda 33 gezekden sanaýarys. Eger biri çykyp, näme zyýany bar? Zikirden zyýan bolmaz mundan soňra 50 gezekden sanalyň diýse, bu kişiň niýeti gowy bolsada, eden işi bidgatdyr we kabul däldir.

Eger biri Ramazan aýynda oraza 30-gün, emma geliň biz 35-gün oraza tutalyň näme zyýany bar diýse, bidgat çykardygy bolar.

Ýa-da biri çykyp namazda ruku ýa-da sežde edemizde, Kurandan bir süre okalyň näme zyýany bar, Kuran okamakdan zyýan gelmez diýse, Onuň bu görnüşde okan namazy kabul bolmaz we bidgat çykardygy bolar.

Baýram namazlarynda azan aýtmak hem bidgatdyr. Çünki Kuranda, Sünnetde we mezheplerimizde beýle zat ýokdur.

**Ýagny bidgat sogap gazanmak niýeti bilen dine soňradan goşulan amallardyr.**

Bidgaty çykarýan ynsanlar köplenç gowy niýet bilen bidgat çykarýarlar we öz tapan bidgatlaryny subut etmek üçin ol meselä degişli däl bolan aýat we hadyslary delil edinip, öz düşünjelerine görä aýat we hadyslara ýalňyş düşündiriş berýärler.

Abdullah bin Omaryň (radiallahu anh) ýanynda biri asgyryp soňra bolsa:

فقدْ سمع رجلًا عطس , فقال: الحمد لله, و الصلاة و السلام علي رسول الله.

فقال له: ما هكذا علمنا رسول الله, بل قال: إذا عطس أحدكم, فليحمد الله, و لم يقل : وليصل علي رسول الله

**Alhamdulilläh we's salatu we's selämu alä Resulilläh,** diýýär. Abdullah bin Omar oňa:

**Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize asgyranymyzda beýle diýmegi öwretmedi we alhamdulilläh-dan soňra, Özüne salawat getiriň diýmedi. Ol diňe: Sizden biri asgyrsa, Alhamdulilläh diýsin diýdi,** diýýär. (Tirmizi 2738, Häkim. البـــدعة وأثرها السيء في الأمة, للشيخ أبي أسامة سليم بن عيد الهلالي)

Sahabaň Sünnete eýerip, bidgat meselesindäki seresaplylygyna üns beriň. Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) öwreden zadynyň üstüne ýekeje söz hem goşmaga garşy çykýar. Çünki Sahabalar her kim dine ýekeje söz goşsa wagtyň geçmegi bilen diniň ýoýuljagyny bilýärdiler. Şonuň üçin hem bidgatlara garşy berk durýardylar.

**Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) doglan gününi bellemek, Möwlit etmek bolýarmy?**

Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) doglan gününi bellemek, ýagny möwlit etmek bolmaýar. Çünki möwlit, Yslamda asly bolmaýan we dinimize soňradan ýöňkelen bidgatlardandyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmtyna möwlit diýip, hiç zat öwretmedi. Edil şonuň ýaly dört çaryýarlar Ebu Bekr, Omar, Osman, Ali (Allah olardan razy bolsun) dagylaram möwlit etmediler. Başga sahabalardanam möwlit bellän ýokdy. Edil şonuň ýaly sahabalary gören Tabygynlar hem möwlit bellemediler we selef-salyhyndan, mezhep ymamlary Ymam Ebu Hanifa, Ymam Mälik, Ymam Şafygy, Ymam Ahmed (Allah olara rehim etsin) hem möwlit bellän bolmady. Eger möwlit bellemek dinimizde bar bolsady, hökman Kuran we Sünnetde ýa-da sahabalaryň, Ählu-Sünnet ymamlarynyň möwlit edenligi bize rowaýatlar arkaly habar berilerdi.

Sahabalar, Tabygynlar Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) bolan söýgide iň kämil ynsanlardy we Allahyň şerigatyny iň gowy bilýän kişilerdi. Emma olaryň hiç biri möwlit bellemedi.

Her bir musulmanyň boýnuna parz bolýan zat, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine eýermekdir we soňradan tapylan zatlardan, bidgatlardan ägä bolmakdyr.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ymmatyny, dinde soňradan tapylan bidgatlardan ägä edip; مَنْ أَحْدَثَ فِيْ أَمْرِنَا هَذَا مَا لَيْسَ مِنْهُ فَهُوَ رَدٌّ

“**Kim biziň dinimizde ýok zady çykarsa (täzelik çykarsa), ol kabul bolmaz**” diýdi. (Buhari, Muslim)

Ýagny kimde-kim Kuranda, Sünnetde bolmadyk we sahabalaryň etmedik zadyny, dinde bar diýip orta atsa we oňa amal etse. Ol eden amaly kabul bolmaz.

Başga hadysda bolsa, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine we dört çaryýarlaryň sünnetine ýagny ýol-ýörelgelerine berk ýapyşmagy we bidgatlardan seresap bolmagy tabşyryp:

فَعَلَيْكُمْ بِسُنَّتِي وَسُنَّةِ الْخُلَفَاءِ الْمَهْدِيِّينَ الرَّاشِدِينَ تَمَسَّكُوا بِهَا وَعَضُّوا عَلَيْهَا بِالنَّوَاجِذِ وَإِيَّاكُمْ وَمُحْدَثَاتِ الْأُمُورِ فَإِنَّ كُلَّ مُحْدَثَةٍ بِدْعَةٌ وَكُلَّ بِدْعَةٍ ضَلَالَةٌ

“**Meniň sünnetime we dört çaryýarlarymyň sünnetine (ýol-ýörelgesine) eýeriň. Olara azy dişleriňiz bilen berk ýapyşyň. Dinde soňradan tapylan zatlardan ägä boluň. Çünki dinde soňradan tapylan zatlar bidgatdyr. Her bir bidgat bolsa, azgynlykdyr (dogry ýoldan çykmakdyr)**” diýdi. (Ebu Dawud, Tirmizi, Ibn Mäje)

Bu hadyslar sünnete eýerip, dinde soňradan tapylan bidgatlardan serasap bolmak, babatynda berk tabşyrykdyr.

Allah Tagala Kuran-Kerimde Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) eýermegi tabşyryp; ....وَمَا آتَاكُمُ الرَّسُولُ فَخُذُوهُ وَمَا نَهَاكُمْ عَنْهُ فَانتَهُوا .....

“**Pygamberiň beren (buýran) zadyny alyň, gadagan eden zadyndan bolsa, gaçyň**” diýýär. (Haşr 59/7)

Başga aýatda bolsa: فَلْيَحْذَرِ الَّذِينَ يُخَالِفُونَ عَنْ أَمْرِهِ أَن تُصِيبَهُمْ فِتْنَةٌ أَوْ يُصِيبَهُمْ عَذَابٌ أَلِيمٌ

“**Pygamberiň buýruklaryna garşy gelenler: Özlerine fitne we agyr azap gelmesinden ägä bolsunlar**” diýýär. (Nur 24/63)

Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) görelde almak barada, Allah Tagala:

لَقَدْ كَانَ لَكُمْ فِي رَسُولِ اللَّهِ أُسْوَةٌ حَسَنَةٌ لِّمَن كَانَ يَرْجُو اللَّهَ وَالْيَوْمَ الْآخِرَ وَذَكَرَ اللَّهَ كَثِيرًا

“**Allahy we ahyrýet gününi umyt edýän we Allahy köp ýatlaýan kişiler üçin: Pygamberde gözel görelde bardyr**” diýýär. (Ahzab 33/21)

Musulman kişi her bir işinde Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) görelde almalydyr we onuň goýan ýolundan, sünnetinden çykmaly däldir.

Başga bir bellemeli möhüm zat; Yslam dini kämil dindir.

Allah Tagala aýatda; الْيَوْمَ أَكْمَلْتُ لَكُمْ دِينَكُمْ وَأَتْمَمْتُ عَلَيْكُمْ نِعْمَتِي وَرَضِيتُ لَكُمُ الإِسْلاَمَ دِينًا

“**Bu gün Men siziň diniňizi kämil kyldym we size bolan nygmatymy tamamladym. We din hököminden Yslamdan razy boldum”** diýýär. (Maida 5/3)

Aýatda Allah Tagala biziň dinimizi bir kemsiz edip kemala getirendigini, bize habar berýär. Kemala ýagny doly kämillige getirilen zat bolsa, bir zatlaryň goşulmagyna mätäç bolmaýar.

Emma dinde möwlit tapyp ony bellemek bolsa, göýä Allah bu dini kemala getirmedi ýagny bir zatlar kem galdy, bizem şol möwlidi belleýäris diýmegi aňladýar. Elbetde möwlit belleýän adamlar buny dilleri bilen aýtmasalarda, dinde ýok zady etmek bilen Allah Tagalaň aýatyna garşy gidýärler.

Ymam Mälik (rahimehullah):

من ابتدع في الإسلام بدعة يراها حسنة، فقد زعم أن محمدًا -صلى الله عليه وسلم- خان الرسالة؛

لأن الله -تعالى- يقول: ﴿الْيَوْمَ أَكْمَلْتُ لَكُمْ دِينَكُمْ وَأَتْمَمْتُ عَلَيْكُمْ نِعْمَتِي وَرَضِيتُ لَكُمُ الْإِسْلَامَ دِينًا﴾ [المائدة:3]،

فما لم يكن يومئذ دينًا، فلا يكون اليوم دينًا.

“Kim gowy görip bir bidgat orta atsa, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) öz Resullyk wezipesine hyýanat etdi diýdigi bolar. Çünki Allah Tagala: **“Bu gün Men siziň diniňizi kämil kyldym we size bolan nygmatymy tamamladym. We din hököminden Yslamdan razy boldum”** diýendir. Ol gün (Pygamberiň zamanasynda) dinde ýok zat, bü gün hem dinden däldir.” (Şatyby, el-Itisam)

Edil şonuň ýaly Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize Allahyň razylygyny gazandyrjak we biziň jennete girmegimize sebäp boljak ähli zatlary habar berdi. Biz sogap gazandyrjak hiç bir amaly aýtman goýmady. Eýsem Pygamberlik wezipesini bir kemsiz berjaý etdi we ymmatyna Allahyň ähli buýruklaryny ýetirdi.

Allah Tagala aýatda şeýle diýdi; يَا أَيُّهَا الرَّسُولُ بَلِّغْ مَا أُنزِلَ إِلَيْكَ مِن رَّبِّكَ وَإِن لَّمْ تَفْعَلْ فَمَا بَلَّغْتَ رِسَالَتَهُ

“**Eý, Pygamber! Robbiňden saňa inderileni (olara) ýetir. Eger (muny) etmeseň, Onuň (Allanyň) ilçiligini ýerine ýetirmedigiň bolar.”** (Maida 5/67)

Möwlit bellemek, göýä Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize bir zatlar aýtman goýdy, bizem özimiz şol möwlidi tapyp belleýäris diýmegi aňladýar. Eger ol bidgata sezewar bolanlaryň aýdyşy ýaly möwlit bellemek sogaply we möhüm zat bolýan bolsa, biz olara onda näme üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize ony habar bermedi diýip, soramaly bolarys!?

Çünki Pygamberler ymmatlaryna sogap gazandyrjak ähli amallary öwredýärler.

Bu barada hadysda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem);

إِنَّهُ لَمْ يَكُنْ نَبِيٌّ قَبْلِي إِلا كَانَ حَقًّا عَلَيْهِ أَنْ يَدُلَّ أُمَّتَهُ عَلَى خَيْرِ مَا يَعْلَمُهُ لَهُمْ، وَيُنْذِرَهُمْ شَرَّ مَا يَعْلَمُهُ لَهُمْ،

“**Her Pygamberiň borjy, bilýän haýyr/sogap işlerini ymmatyna öwretmekdir we şerden/günäden ymmatyny ägä etmekdir. Boýnunda şu borjy bolmaýan Pygamber menden öň gelip-geçen däldir”. (**Sahyh Muslim)

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) özi barada;

مَا تَرَكْتُ شَيْئًا مِمَّا أَمَرَكُمُ اللهُ بِهِ، إِلَّا وَقَدْ أَمَرْتُكُمْ بِهِ، وَلَا تَرَكْتُ شَيْئًا مِمَّا نَهَاكُمُ اللهُ عَنْهُ، إِلَّا وَقَدْ نَهَيْتُكُمْ عَنْهُ

“**Allah Tagalanyň buýran zatlarynyň ählisini size buýurdym/öwretdim. Allah Tagalanyň gadagan eden zatlarynyň hem hemmesini size gadagan etdim”** diýýär. (Şafi, el-Umm. Beýhaki, es-Sunenul Kubra)

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem); تَرَكْتُكُمْ عَلَى المَحجّةُ الْبَيْضَاءِ ، لَيْلُهَا كَنَهَارِهَا

“**Men size gijesi hem gündizi ýaly ýagty ýol goýdum....”** diýýär. (Ibn Mäje, Ahmed)

Sahaba Selmanyň (radiallahu anh) ýanyna gelip, şeýle sorag berdiler;

قِيلَ لَهُ قَدْ عَلَّمَكُمْ نَبِيُّكُمْ صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ كُلَّ شَيْءٍ حَتَّى الْخِرَاءَةَ قَالَ فَقَالَ أَجَلْ لَقَدْ نَهَانَا أَنْ نَسْتَقْبِلَ الْقِبْلَةَ لِغَائِطٍ أَوْ بَوْلٍ أَوْ أَنْ نَسْتَنْجِيَ بِالْيَمِينِ أَوْ أَنْ نَسْتَنْجِيَ بِأَقَلَّ مِنْ ثَلَاثَةِ أَحْجَارٍ أَوْ أَنْ نَسْتَنْجِيَ بِرَجِيعٍ أَوْ بِعَظْمٍ

“**Pygamberiňiz (sallallahu aleýhi we sellem) size uly täret etmegi çenli, ähli zady öwredipdir”** diýdiler. Selman (radiallahu anh) olara; **“Hawa, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize uly ýa-da kiçi täret edenimizde kybla tarap bakmagy gadagan etdi. Sag elimiz bilen synja almagy we üç daşdan kem ýa-da deri, süňk bilen**

**synja almagy gadagan etdi”** diýdi. (Sahyh Muslim)

Hemmämiziň bilişimiz ýaly Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ähli Pygamberleriň iň üstüni we iň soňkusydyr, bir kemsiz nesihatçydyr. Ymmatyna hajathana edebine çenli öwreden Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem), Möwlidi aýtman goýmagy mümkinmi? Eger möwlit dinde bar bolsady, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize ony hökman habar bererdi, sahabalaryna möwlit etmegi tabşyrardy. Emma görüşimiz ýaly bu barada ne hadys bar, ne-de sahabalar möwlit bellediler, ne-de möwlit bellemegi başgalaryna maslahat berdiler.

Dinde soňradan tapylan bidgatlardan ägä bolmak barada, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) juma hütbesinde şeýle diýeni rowaýat edilýär;

أَمَّا بَعْدُ فَإِنَّ خَيْرَ الْحَدِيثِ كِتَابُ اللَّهِ وَخَيْرُ الْهُدَى هُدَى مُحَمَّدٍ وَشَرُّ الأُمُورِ مُحْدَثَاتُهَا وَكُلُّ بِدْعَةٍ ضَلاَلَةٌ

**“Sözleriň iň haýyrlysy Allahyň kitabydyr we ýollaryň iň haýyrlysy Muhammed (sallallahu aleýhi we sellem)iň ýoludyr. Amallaryň iň erbedi soňradan tapylan zatlardyr we ähli bidgatlar azgynlykdyr.”** (Sahyh Muslim)

Bu barada gelen aýat we hadyslar köpdür.

Her bir musulman, şerigatyň şu kadasyny berk bellemelidir; **Musulmanlar bir zat babatynda düşünişmeseler, ol meseläni Kurana we Sünnete görä çözmelidir.** Ýagny ol zat Kuran we Sünnetde barmy, sahabalar edipdirlermi? Şoňa görä hereket etmelidir.

Bu barada Allah Tagala şeýle diýýär;

**يَا أَيُّهَا الَّذِينَ آمَنُواْ أَطِيعُواْ اللّهَ وَأَطِيعُواْ الرَّسُولَ وَأُوْلِي الأَمْرِ مِنكُمْ فَإِن تَنَازَعْتُمْ فِي شَيْءٍ فَرُدُّوهُ إِلَى اللّهِ وَالرَّسُولِ إِن كُنتُمْ تُؤْمِنُونَ بِاللّهِ وَالْيَوْمِ الآخِرِ ذَلِكَ خَيْرٌ وَأَحْسَنُ تَأْوِيلاً**

**“Eý iman edenler! Allaha ytagat ediň we Pygambere ytagat ediň we sizden bolan hökümdarlara ytagat ediň! Eger Allaha we ahyrýet gününe ynanýan bolsaňyz, bir meselede düşünişmeseňiz, ol meseläni çözmek üçin Allaha we Pygambere ýüz tutyň!” (**Nisa 4/59)

Möwlit hakynda Kuran-Kerime seretsek, Allah Tagala Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) boýun bolmagy, buýran zatlaryny etmegi we gadagan eden zatlaryndan gaçmagy tabşyrýar. Bize Allah Tagalanyň bu dini kämil kylanlygyny habar berýär we ol kämil bolan dinde möwlidiň ýokdugyny görýäris.

Edil şonuň ýaly bu barada Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) sünnetine seretsek, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) möwlit etmedigini, möwlit etmegi buýurmadygyny we sahabalaryň hem beýle zady etmedigini görýäris.

Şonuň üçin hem möwlit yslamda ýokdur we soňradan tapylan bidgatdyr. We hristianlara meňzemekdir. Çünki Hristianlar Isa Pygamberiň (aleýhis salam) doglan gününi belleýärler, biziň dinimizde bolsa, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) doglan gününi bellemek ýokdur.

Bu bidgaty edýänleriň köplügine aldanmaly däldir. Çünki hakykat, bir zady edýän kişileriň köplügi bilen däl, eýsem delil bilen tanalýandyr.

Aýatda Allah Tagala; وَإِن تُطِعْ أَكْثَرَ مَن فِي الأَرْضِ يُضِلُّوكَ عَن سَبِيلِ اللّهِ

**“Eger sen ýer ýüzündäkileriň köplügine eýerjek bolsaň, olar seni Allah ýolundan çykararlar/ azdyrarlar...”** diýýär.**(**Engam 6/116)

Möwlit bidgatynyň ýany bilen, bu üýşmeleňlerde başgada şer we günä işler edilýär. Mysal üçin Möwlitlerde zenanlar bilen erkekleriň garym-gatym bolmagy, Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) öwjek diýip aýdym aýdylmagy, möwlit mynasybetli çäreler, sahnalar gurnap ençeme gereksiz harjama edip, israf edilmegi we bularyň iň erbedi Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ruhyndan medet, ýardam dilemek ýaly Yslamda uly günäleriň iň ulusy bolan şirk edilmegidir.

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem);

إِيَّاكُمْ وَالْغُلُوَّ فِي الدِّينِ ، فَإِنَّمَا أَهْلَكَ مَنْ كَانَ قَبْلَكُمُ الْغُلُوُّ فِي الدِّينِ

**“Din meselesinde öte geçmekden ägä boluň! Sizden öňkileri heläk eden zat dinde öte geçmeleridir”** diýýär. (Ahmed, Ibn Mäje, Häkim)

Başga hadysynda; لَا تُطْرُونِي كَمَا أَطْرَتِ النَّصَارَى عِيسَى ابْنَ مَرْيَمَ ، فَإِنَّمَا أَنَا عَبْدُ اللَّهِ وَرَسُولُهُ

“**Hristianlaryň Isa Pygamberi öwüşleri ýaly Meni öwmäň. Çünki Men guldyryn. Maňa Allahyň guly we Resul diýiň”** diýýär. (Sahyh Buhari)

Möwlit bidgatyny edýän käbirleri bolsa, hasam öte geçip: Bu möwlitlerde Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ruhy gelýär, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) hormaty üçin ýerimizden turalyň diýip, aklyň we diniň kabul etmejegi, jähilligiň we akmaklygyň iň erbedi bolan zatlary edýärler.

Käbirleri bolsa, biz erbet zat etmeýäris, diňe Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) ýatlaýarys we onuň üçin salawat aýdaýrys diýen, sözler bilen özlerini aklajak bolýarlar.

Pygaberimize (sallallahu aleýhi we sellem) salawat getirmek barada aýtsak; Pygambermize (sallallahu aleýhi we sellem) salawat getirmek salyh amallaryň iň sogaplysy we bizi Allah Tagalaga ýakynlaşdyrýan amaldyr. Çünki Pyagmberimize (sallallahu aleýhi we sellem) salawat getirmek barada, Allah Tagala aýatda;

إِنَّ اللَّهَ وَمَلَائِكَتَهُ يُصَلُّونَ عَلَى النَّبِيِّ يَا أَيُّهَا الَّذِينَ آمَنُوا صَلُّوا عَلَيْهِ وَسَلِّمُوا تَسْلِيمًا

“**Allah Tagala we Perişdeler Pygambere salawat getirýärler. Eý iman edenler siz hem oňa salat we salam aýdyň”** diýýär. (Ahzab 33/56)

Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem); مَنْ صَلَّى عَلَيَّ صَلَاةً صَلَّى اللهُ عَلَيْهِ بِهَا عَشْرًا

“**Kim maňa bir salawat getirse, Allah Tagala hem oňa on salawat getirer”** diýýär. (Ahmed, Muslim)

Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) salawat getirmek her wagt bolýandyr/meşrugdyr. Hususanam namazyň soňunda, azandan soňra, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) her ýatlananda, juma günleri we islän wagtyňda Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) salawat aýtmak bolýandyr we örän sogaply amaldyr.

Şonuň üçin Möwlit bidgatyny edýänler biz salawat getirmek üçin jemlenişýäris diýip, buny özlerine bahana edinjek bolsalar, biz olara Allaha Tagala we Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize haýsy wagtda salawat aýtmagyň sogaplydygy öwretdi we olardan galan ähli wagtlarda-da salawat aýtmaga rugsat berdi. Siziň özüňüzçe salawat aýtamak üçin ýörite wagt bellemegiňiz dogry däl diýeris. Çünki bir musulmanyň Allahyň we Pygamberiň (sallallahu aleýhi we sellem) sözünüň üstüne söz aýtmagy azgynlykdyr. Haýsy wagtlarda salawat aýtmagyň has sogaplydygyny Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) bize öwretdi.

Bu aýdylanlardan soňra okyjynyň kellesine: Onda möwlit bellemek nirden gelip çykdy?- diýen sorag gelip biler!

Muňa jogap höküminde; Möwlit bidgatyny ilkinji tapanlar Şygalaryň bir şahasy bolan Fatimiler fyrkasydyr. Taryh kitaplarynda habar berlişi ýaly ilkinji möwlit bidgaty Milady 909-1171-nji ýyllarda Fatimiler tarapyndan, belläp başlanylýar. Fatimiler diňe bir Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) doglan gününi bellemän, eýsem Hezreti Alynyň, Fatma enemiziň, Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) agtyklary Hasan we Huseýiniň we şol döwüriň patyşasynyň möwlitlerini hem belleýärdiler. (el-Makrizi, el-Mewaizu we'l -I'tibaru bi Zikri Hytati we'l Asar: 1-nji jilit sahypa 490)

Fatimiler Müsüri basyp alanlaryndan soňra Ählu-Sünnet musulmanlaryň arasynda öz fyrkalarynyň pikir-düşünjelerin ýaýratmak üçin Möwlit baýramçyllyklaryny örtgi edip ulanýardylar we ol günlerde Ähli-Sünnet musulmanlara gowy görünmek üçin sowgatlar, paý-peşgeşler paýlaýardylar.

Fatimileriň kimdigini gysgaça ýatlap geçsek peýdaly bolar. Fatimiler Şyga fyrkasynyň Ismailiýýe şahasyndandyr. Müsürde we Şamda guran döwletleriniň adyna Fatimi döwleti diýileni üçin Fatimiler diýen ady alýarlar.

Fatimiler Yrakda peýda bolýar we olara edilýän basyşlar zerarly dürli ýurtlara ýaýraýarlar. Ynançlaryna Hindistandaky Brahmanizm, Budizm we käbir pelsepe akymlary täsir edendir. (Prof. Dr. Muhammed Zehra, Mezhepler taryhy)

Fatimileriň hökümdarlyk eden wagtlarynda, Müsür diýarynda şirkiň we bidgatyň Yslamyň ýerine geşjek derejede ýaýarandygyny taryhçylar habar berýärler. Belleýişimiz ýaly Fatimiler Müsüri basyp alanlaryndan soňra Möwlit bidgatyny we başgada bidgatlaryny, Ähli-Sünnet musulmanlaryň arasynda rowaçlandyryp başlaýarlar.

Müsürde Hijri 515-nji ýylda el-Efdal Ibn Emiril-Juýuş tarapyndan Möwlit bellemek ýatyrylýar. Emma ondan soňra el-Amir Biahkämillahyň hökümdarlygy wagtynda, halk möwlidi ýatdan çykardy diýlende, täzeden belläp başlaýarlar. (Muhammed Ibn Bahiýt el-Muti el-Hanafi (gadym Müsür müftilerinden), Ehsenul-Kelam Fiýma Ýetealleku Bi's-Sünneti we'l Bidat Minel-Ahkam: sahypa 44-45)

Fatimilerden soňra Möwlit bidgatyna Süfi toparlaryň eýe çykanlygy bellenip geçilýär. Biziň döwürimizde-de bu bidgaty

rowaçlandyrjak bolýanlaryň belli bir derejede bidgatçy Süfi toparlardygyny görýäris.

Allah Tagala Kuran-Kerimde Pygamberimize (sallallahu aleýhi we sellem) şeýle diýmegi buýurýar; قُلْ إِن كُنتُمْ تُحِبُّونَ اللّهَ فَاتَّبِعُونِي يُحْبِبْكُمُ اللّهُ وَيَغْفِرْ لَكُمْ ذُنُوبَكُمْ وَاللّهُ غَفُورٌ رَّحِيمٌ

**“Aýt: Eger Allahy söýýän bolsaňyz, Maňa (Pygambere) ytagat ediň. Eger şeýle etseňiz Allahy hem sizi söýer we sizi bagyşlar.”**(Ali-Imran 3/31)

Pygamberimizi (sallallahu aleýhi we sellem) söýýän bolsak, oňa boýun bolalyň, sünnetine eýerip, bidgatlardan uzak duralyň. Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) bize öwredip giden, ýüzlerçe, müňlerçe sünneti bar. Hatda käbir sünnetler ýitdi diýen derejede az amal edilýär. Biz şol sünnetlere amal edeliň.